# Çykalga / nowella 18+

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Çykalga / nowella 18+ ÇYKALGA

*Gözellik däl özün gorap bilmese,*
*Ýoýup bolýan bolsa gözellik däldir.*
***Nobatguly Rejebow.***

Liftde durkalar Ýaran Hesere hiç zat diýmese-de, gyzyň gözlerine seredip, gözleri hakda sorajak boldy. Has anygy çep gözüniň etegindäki gök hakda. Belki reňk çalnanda köpräk düşendir diýip özüni aldajak boldy, barybir ol kosmetika däldi. Lift saklandy, iki ýana serpilip, içindäkilere çykmaga mümkinçilik döretdi. Ilki Heser çykmaga hyýallandy, soň sakga durup ýoldaşyna seretdi, Ýaran minnetdar manyda baş atyp, ýylgyryp ätledi. Gapynyň agzynda ýene Heseriň gözüniň etegine gözi düşdi. Bu gezek dymyp durup bilmedi:
– Heser, gowlukmy hemme zat?
Gyz ýylgyryp bada-bat näme hakda soraýanyny duýup ýylgyrdy:
– Hä, bumy? Hawa, gowy, tennis kortda boldy tötänden.
Ýaran oňa ynanmady, ýöne baş atyp başyndan sowdy, gep çagaladyp durmak gerek däl, barybir. Heser Ýarana baş minutlygam bolsa içeri girip, bir bulgur kofe içip gidiň diýip hödür kerem edipdi, olam suw meýilli gurbaga. Emma Heseriň kwartirasyna giräýen wagtlary Ýaranyň telefonuna jaň geldi. Heser telefonuna goýan sazy dagy nähili gowy däl diýip içinden oýlanyp ýetişmänkä, Ýaran jaň aldy. Iki agyz gepleşmänem telefony kesip, derrew Heserden ötünç sorady:
– Balam, bagyşla, men gitmeli boldum, gyssagly bir iş çykdy.
Heser gözlerini tegeledi:
– Wiý, men ýaňy nahar dostawka etdirjekdim, ýaman gyssandyňyz?!.
– Ýene bir gezek akylym, ýene bir gezek. Häzir gaty bir uly adamyň, gaty bir zerur işi çykypdyr, men ýetişeýin.

* * *

Ýaranyň yzyndan garap galan Heseriň özem bir ýere gitmäge hyýallandy, ýöne nirä?! Gyz sermisal halda üç açylýan aýnanyň öňüne gelip stula çökdi, otag alagaraňky. Gitmäge hiç ýer ýok. Şäheriň gohy-galmagaly penjirelerden çala syzylýar. Häzir bu kwartira, şujagaz otag iň oňat gaçybatalga. Ýöne Heseriň bir ýerlere gidesi geldi. Asyl görüp otursa, eýýäm bir ýerlere ugrapdyr. Ynsanyň hyýaly nähili jadyly zat. Eýesinden soraman zat etmän, ony nirelere äkidiberýär.
Heser häzir täk özi, aýnada bolsa ýene öz şekili. Öz-özüne seredip otyr. Alty aý geçip gelýär, ýarym ýyl mundan öň, men kijijik şäherimi terk edip, otla münüpdim. Uly şäherde meniň tanaýanym ýok, diňe agamyň gullukdaşy. Men ony entek göremokdym. Agam gaty üýtgeşik diýýär. Dostluga wepadar, ýakyn ýoldaşmyş. Gullukda onuň bilen dostlaşmagymam onuň maňa meňzeşligi diýipdi agasy. Men oňa aýtdym, jigim, sen arkaýyn baryber, dostum seni garşylamaga çykaram, işe-de ýerleşdirer, hemişe habaram alyp durar. Olam edil seň agaň ýalydyr. Heser şonda agam jan ýaly bolsa-ha gowy diýip, içinden arkaýynlaşypdy, ýöne gapdalyndan ol owadanmyka diýen şeýtany pikirjigem böwründen dürtüpdi. Eger ony agam ýaly görmeli bolsa, onda bu pikiri etmeli däl men diýen gorky, derrew ony özüne getiripdi.
Sowuk säher otly uly şäheriň uzyn üçekli wokzalyna gelip saklanan badyna Heser eýýäm ähli goş-golaňyny taýýarlap, howlukman daşary ädimläp ugrapdy, elinde hem petegi. Heseri garşy alan agasynyň dosty dogrudanam owadan eken. Biraz geplemsek, hemem dyngysyz ýylgyrýar. Gyzyň el goşlaryny elinden alyp, taksä tarap ýöräp barýarkalar eýýäm bir topar zatlar aýdyp ýetişdi. Heser ony ýüz ýyldan bäri tanaýan deý bolaýdy asyl.

* * *

Ýaran asyl agasyndanam ýakyn boldy, Heser ilki gören sagadyndan oňa öwrenişip gitdi. Ol hoşgylaw, bir zatlar aýdyp ýüregiňe düşüp duranok. Uly şähere gelip düşen dessine Heseriň

hemme meselelerini çözüp ýören diňe Ýaran. Problemalardan güwläp duran, başagaý adamlardan doly uly şäherde Heser üçin Ýaran gökden inen perişde. Iki ýyllyk sungat mekdebine resminamalaryny tabşyryp, Heseri wagtlaýyn işe ýerleşdirdi, kireýine iki otagly kwartira hem taýýar. Ýaran agam sag bolsun. Ýöne bir gezejik Heseriň göwnüne gara gitdi, ýöne ony hem hiç kime aýdasy gelenok.

…Gijara asmandan inen ýaly birden peýda bolan Ýaran ony kafe teklip etdi. "Ýat adam ýok, jigim. Arkaýyn bol, iki sany dostum, söýgülileri bilen täze işlerini bellejek bolýalar, menem söýgülim ýok zadym ýok, ýeke özüm barmaga gelşiksiz gördüm, näme diýýäň giderismi?"

Hoşgylaw ýylgyryşly bu ýigide nädip ýok diýjek. Olar täksä oturan wagtlary Hesere agasyndan jaň geldi. Gyz telefonyna seredip, näme etjegini bilmedi, Ýarana seretdi. Ýaran boz-ýaz boldy:

– Nirä barýanymyzy aýdyp oturmasana-diýdi.- Göwnüne bir zat getirip oturmasyn, erkek adamdyr-da.

Heser agasynyň jaňyny alyp gepleşdi, emma uzak däl. Sözüniň arasynda joralarym bilen toýa barýas diýdi. Gapdalynda oturan Ýaran çala gülümsiräp oňaýdy. Heser şonda birhili boldy, " Be-e, bu nähili bollaý, dostuna ýalan sözlemegi haýýş etdi, men-ä düşünmänem gallym. Bu-ýa dostuna ýalan sözledi, menem agama. Ýa başga bir oýunlary hem barmyka?.."

Mylaýym mukam ýaňlanyp duran köp adamly kafede ol dostlaryna Heseri gyz jigim diýip tanyşdyrdy. Heser utandy. Ýaran hakda ýalňyş pikir edipdirin diýip özüne käýindi içinden. Aýyp saňa gyz, aýyp.

* * *

Sungat mekebinde okaýan gyzlar täze egin-eşikleri geýinmegi gowy görýärler, ondan daşary hem olaryň öz aralarynda nysak edýän zatlary hem köp. Hatda içki eşiklerine, joraplaryna çenli bu gyzlar üýtgeşikden-üýtgeşik zatlar tapyp geýýärler. Her eşik barada sagatlap gürrüň edip bilýärler özem. Heser şu ýere gelip bikini diýen eşigiň adynyň okeandaky bir adanyň

adyndan gelip çykýandygyny öwrendi: “Beh-h, eşikler bilen geografiýa aýry-aýry zatlarmyka diýýädim”.
Okuwa ýetişmeli, işe gijä galmaly däl. Heser hemmesine ýetişjek bolýar, arasynda öýde hem tikin-çatyn edip, az-owlak gazanmaga çalyşýar. Deň-duş gyzlaryňdan galmajak bolmaly. Aý ýöne olaryň ähli geýýän zatlaryny geýmek, iýip-içýän zatlaryny iýjek bolmak ýönekeý arzuw. Heser muny bilýär. Ýöne eýdip-beýdip deň-duş joralaryndan galmajak-a bolýar, ol anyk. Tikin tikip otyrka bir uzyn goşgyny deklomasiýa etmek, ýa-da tikin maşynyň sesine goşup hiňlenmek bilen ol agşamy bezeýär. Ýatar garna hem sowadyjyda duran käşir soguny alyp, ýeňiljek owurtlap içýär. Berhiz saklaýan bolsaň, käşir sogy edil küýseýän figuraňy ýasap berýär. Gyz şeý diýip içini gepledip ýylgyrýar. Ertir bazardan ýene iki kilo terje käşir alaýyn.

* * *

Dynç güni. Adatça Heser irden oýanýar, ýöne köpler ýaly ýene birazajyk ýatasy gelýär, emma özüne buýrup böküp turmagy başarýar. “Bu gün bazara gitsemmi diýýän, yssa galman söwdalarymy etsem-ä gowy bolardy”. Ol wanna girip ýatyş eşiklerini çykardy, özüni boýan-başa synlady. “Men inçesagt, uzyn, daže arryk gyz- diýip, özüne baha berdi.-Men aslynda balerina bolmaly öýdýän”.
Bazar gohly şäheriň iň galmagally ýeri, iň başagaý kwadraty. Eli tor sumkaly ýanýodadan barýan Heser dyzyna ýetmeýän etekli köýneginde, aýagyna sandal. Gözünde tegelek gara äýnegi, ýüzüne gowy gelişýär, gowy ýeri göreçlerine rahatlyk berýär. Rahatlyk hakda oýlananda gyzyň öz ýörelgesi bar, ýuwaş ýöräp barybermeli, ýene ýuwaş ýöreýän adamlar bilen ýoldaş bolmaly. Soňra öz ýörelgesine goşmaça durmuşyň lezzetini gyssanman görmeli. Gyssanyp aljak galaň ýok.
Bazaryň girelgesine golaýladygyňça mähelle artýar, hem goh-galmagal. Bu sesler depäňde şänik çakyp barýar diýip oýlanan Heser telefonundan aýdym diňläp, gohy ýeňmek üçin gulaklygyny gözledi. Haýyp, öýe galdyrypdyr öýdýän. Şu gün ol maňyz hem şorja balyk küýsedi birhili. Hem Ýarany ýatlady. Düýn ol

gelende elinde iki banka piwo bardy, ýöne hiç zat diýmän sowadyja atypdy, çykyp gidende hem olary almandy. Heser Ýaranyň günaşa diýen ýaly özünden habar tutýanyny, uzak eglenmänem gaýtmak bilen bolýanynam bilýär. “Ol indiki gezek gelende goýup giden piwosynyň gapdalynda kapçýonka balyk ýa şorja maňyz görse nähili bolarka?” Heser öz ýanyndan ýylgyrdy. “Beýtmeli däl sen jelep”- diýip, özüne degşip ýylgyrdy.-Munyň eýýäm flirt bolýa”.
Bazardan çykyp gelýärkä indi känden bäri eşitmedik sögünji gulagyna ýetdi. Bir aýal, (obaly bolmaly), sesiniň ýetdiginden bir erkek kişä hapa sögünýärdi. Erkek kişi oňa süýkendimikä? Belli däl, ýöne bir zat edeni anyk, anyk bir zat eden bolmaly. Çünki şermeneligiň çürbaşyna çykan heleý sögünçleriniň arasynda akyla gelmeýänlerinem aýdyp goýberýärdi: “Eliňi çek, haram meýit, agzyňa syçaýyn bajyňa süýkenseň bolmadymy?” Heser tiziräk bu ýerden daşlaşanyny gowy gördi, wagtam obet bolup barýar indi. Ol duralga baryp, biraz garaşdy. Awtobus geldi, ol mündi.
Heser kwartirasyna gelensoňam bazarda eşiden sögünç sözlerini ýatlap, ýene näçenji gezek haýran galdy. “Ýaman elhenç, wapşe paýyş söz-ä o – diýip, şol hapa söz düzümini, we onyň aňladýan manysyny kellesine getirip ýüregi bulandy.-Biriniň agzyna uf-f… nähili nejis sögünç-ä”. Ýekeje özi otyrka gyz durmuşda gözellik, bedroýlyk hakda oýlandy. “Gözelligi gunçalap, elwan öwsüp oturan gül hasaplasak, bir nadanam gelip, şol gülüň düýbüne täret etse. Ine saňa bedroýlyk, özem nejis bedroýlyk”. Tapan meňzetmesi ýerine düşenem bolsa, Heser ony halamady.

* * *

Okuwda Heser başga bir dünýä düşýän ýaly, hemme zat owadan, üýtgeşik. Gapdalyndan geçeniňde aýdym-saz sesleri bilen gyzykly görünýän bu mekanda bilim almak onuň baş arzuwy dälmidi. Aýdym-sazda okaýan oglanlar, tansçy gyzlar, aktýorçylyk ugrunyň talyplarynyň şadyýanlygy, bularyň bary onuň dünýäsini täzeden reňkledi. Ol mugallymlar bilenem derrew dil tapyşmaga göwünjeň. Deň-duşlary bilenem basym jora-jora

bolaýýar. Pully adamlaryň gyzlaryndan biraz gaça durup, seresap gatnaşýar, olaryň bolşuna garaşyk.
Talyplyk durmuşy, gündelik edýän işleri hakda pikirleri, geljekde kim bolmalydygy hakda alada hemem Ýaran, agasynyň dosty, şu wagt gyzyň kellesinden çykmaýan zatlar.
Okuwdan gaýdyşyn ol saz bölüminde okaýan bir jorasynyň eşitdiren sazyny ýadyna salyp, Ýarany göz öňüne getirdi. Saz üýtgeşikdi, ýöne Heser onuň adyny halamady. Şeýtan treli. Jorasynyň aýdyşyça, aslynda ol üýtgeşik sazy sazanda şeýtan çalyp beripmi, ýa öwredipmi, anyk bilenok.
Nirdendir bir ýerden obadaky garry babasy ýadyna düşdi, ak sakgally, hemişe egni goňur çäkmenli mähribany. Hemem onuň her töwiriň yzyndan okaýan dogasy gulagyna gelen ýaly boldy “Ot belasyndan, suw belasyndan, ýalan töhmet belasyndan, patyşa gazabyndan özüň gora Ýaradan Allam”, ýene bir ýerde “Azdyrma, azana duçar etme” diýibem aýdýardy bende. Babasynyň sesi gulagynda ýaňlanýan allegro äheňli sazyň owazyny basanam bolsa telefon jaňy Heseri oýardy: “Wiý, bi Ýaran eken”.

* * *

Taksi uly ýoldan sowlup, belent dört gat jaýyň gapdalynda saklandy. Ýaran ilki düşüp, Heseriň oturan tarapyndaky gapyny açyp berip, çykmaga kömek etdi. Heser diňe ýylgyryp goýdy, bu hem özboluşly minnetdarlyk.
Jaýyň daşyndan aýlanyp, arka tarapyndaky basgançaaklar bilen aşak düşüp ýerzemine girdiler. Giren ýeriň alagaraňky bolsa-da ýerzemininiň içi ýap-ýagty, Heseriň biraz şähdi açyldy. Ýaran ýerzemininiň aňry çetinde duran kişä ümläp:
-Ine, şol aýdýan hudožnigim-diýdi.-Bu ýer onuň studiýasy, ynha şu gyzlaram naturşisalar.
Ýaran bilen ýanyndaky gyza gözi düşen uzynak, çokga sakgally kişi olara tarap ýöneldi. Onuň bilen söhbet edip duran gyzlar gabanjaň nazar bilen gözlerini tegeläp, onuň yzyndan garap galdylar. Heser onuň gelişini horaz ýöriş diýdi, ol birhili gaýkyjyklap ýöräýän eken:
– Edik, salam-diýip, Ýaran onuň bilen gollaşyp salamlaşyp,

çalaja gujaklaşan boldy.
Edik hem “salam-salam” diýip sypaýçylyk bilen baş atyp, Ýaranyň gapdalynda duran gyza nazaryny dikdi. Ýaran:
-Tanyş boluň, bu ynha aýdan gyzym, Heser-diýdi.-Heser, bu hem meşhur nakgaş dostumyz Eduard. Biz oňa gowy görüp Edik hem diýäýýäs.
Edik garşysynda duran gyzyň elini gysymyndan goýbermän durşuna dowamly ýylgyryp:
-Eduard diýiň, Edik diýiň ädik diýmeseňiz bolýar-diýip, gödekleç güldi.-Wproçem, hoş geldiňiz! Proşu, bu meniň sungat studýam, has dogrusy mukaddes ybadathanam.
Heser bu adamy birbada halamajak boldy, ýöne gepläp başlandan soň ýamanam däl ýaly-la diýip, başky pikirinden dändi.
Edigiň studiýasyndaky gyzlar onuň bilen baş atyşyp çykyp gitdiler. Heser diwarlardan asylgy we her ýerde başly-barat duran suratlary synlap durşuna:
-Bagyşlaň, siz suratçymy- diýip Edige ýüzlendi. Edik gözlerini giň açyp, ellerini hem iki ýana gerdi:
-Ýok, ýok, men suratçy däl. Men öz ugrumyň korifeýi. A meniň ugruma bolsa, aýdymam mukamam, teatram, arhitektura hem poeziý hem girýär. Tutuşlaýyn garmoniýa…
Ýaran Edige baha berdi:
-Bir söz bilen aýtsak geniý!
“Geniý” Edik “Ana şol, edil özi, bildiňiz” diýen manyda gerip duran elleriniň aýasyny ýokary etdi. Ýene effekt galdyrmaga çalyşdy:
– Siz adyňyz näme diýdiňiz?
– Heser.
-Gör nähili gözel at,
Men bagtly, men şat.
Adyňyz-a gözel Heser,
Gözlerňizem bagrym keser,
Siziň waspyňyz edip,
Ýazyp bolar näçe eser.
Heser onuň sammyrdap durmasyny birhili gördi, Ýaran weli çapak çarpyp, goşga baha berdi:
– Brawo, brawo, maestro! Aýtdyma, köpugurly zehin, tapylgysyz

talant.
Edik çynlakaý keşbe birden girdi:
-Aaron, dostum sen Hesere etmeli işlerini düşündirdiňmi?
Ýaran baş atdy:
— Elbetde, hemmmesi wery gud
Heser Ýaranyň bu adamyň ýanyndan düýbünden başga adama öwrülip bilişine haýran galdy, dogrusy ynanyp bilmän durşy. Eduard bolsa çokga sakgalyny barmaklary bilen oýnap:
— Dogrusy, ulakan bir etmeli zadyňyzam ýok,- diýip, çalaja ýöne syrly gülümsiredi.- Diňe teatralny eşikler bilen aýdan pozamda oturyp, durup naturşissam bolýaňyz, men size seredip eser ýazýan. Hiç zady alada etmäň, garderob bärde, razewalkaňyzam bar, özüňize seredeýin diýseňiz. Hak-heşegiňizem närza etmerin, gökdenem töläp bilýän, isleseňiz.

* * *

Ertir irden Heser okuwa däl-de Edigiň studiýasyna ugrady. Bu gün okuwdan rugsatly. Ol öň şeýle ýagty ýerzemin görmändi, şoňa her gezek geň galýar. Ýerzemin diýilse onuň aňynda garaňkylyk suratlanýardy ahyry. Ol aşak düşüp gapydan giren ýerinde mini barda dik durup ertirlik edinip duran Edige gözi düşdi.
— O-o, respekt, punktual adamlary söýýärin, aýal maşgalalara gijä galyp gelmek mahsus bolsa-da, siz wagtynda geldiňiz, size respekt.
— Salam, sag boluň, men aslylam ir turýan, ir turan işinden dynar-diýip, Heser ýerzemininiň diwarlaryndan asylgy suratlara geldi-geçer nazar aýlap ýetişdi. Bu ýerde molberten we reňklerden başga-da fotoapparatlar, kompýuterler, dürli yşyk enjamlary bar bolandan soň Heser Edigiň diňe suratçydygyna ynanyp bilenokdy.
Ol ahyr ýene:
— Bagyşlaň, siz dogrudanam suratçymy-diýip sowal berdi.
Edik bu gyzyň düýnem şeý diýip sowal berendigini ýadyna salyp:
— A näme men suratça meňzämokmy- diýip garşylyklaýyn sowal berdi.

Heser ýylgyryp başyny ýaýkady:
– Ýok, ýok, meňzeýäňiz, ynha owadan sakgalyňyzam bar.
– Suratçy bolmagyma sakgalyň näme dahyly bar -diýip, Edik geň galyp Hesere seretdi. Heser ýylgyryp durşuna:
– Prosta kijijik wagtymyz daýym bardy, ol hudožnikleriň hökman saçlary egnine düşüp duran ýa-da sakgaly bolaýmaly diýip gürrüň berýärdi. Sebäbibi sorasagam, hudožnikleriň surat çekýan çotgasy birden sürtülip gutaran wagty sakgalyndan kesip alyp, çotga ýasap, ýene suratyny çekibermek üçin diýerdi.
Edik Heseriň aýdyp duran zadyna güljeginem gaharlanjagynam bilmän galdy. Heser bolsa başda pyňkyrdy, soňam bagyşlaň diýip gülüp goýberdi, ýaňaklaram dym-gyzyl.
Edik gaharlanan ýaly etdi, emma syr bermän, baş ýaýkap ýylgyyrdy:
– Interesniňg daýyňyz bar eken, anekdotlaram täsin. Hany, bolýa işe başlalyň.
Heser baş atdy:
– Başlalyň.
Edik biraz oýa batyp durdy-da çynlakaý keşbe geçdi:
– Siz garderobdan balerinanyň eşiklerini alyň, soň geýinip geliň. Ine, şu uly penjiräniň öňünde otursaňyz ylaýyjak bolar.
Balerinanyň eşikleri oňa ýarady, inçesagt bolany üçin ol eşiklerem gelişdi, edil özüne buýrulyp tikilen ýaly. Heseriň bir halamadyk ýeri, bu eşikler boýdan-başa syýareňkdi. Aýagyna balet aýakgabyny geýensoň Heser daraklygyna galyp, gollaryny hereketlendiribem gördi. Aýny balerinaň bar-da.
– Gaty gowy, örän ajaýyp – diýip, Edik ony gol çarpyp garşy aldy.- Moskwanyň uly opera-balet teatrynyň balerinalary hem sizçe bolmaz.
Heser onuň suwjaryşyny birhili gördi, şu wagt çykyp gidesi geldi, emma alaçsyz görkezilen ýere geçip oturmaga mejbur. Penjiräniň öňi oturmaga oňaýly eken, ýaman ýeri güneş depäňden guýlup dur, gözüňi açar ýaly däl. Ol on bäş minut dagy bir oturyşda dymyp oturandan soň, Edige bu ýeriň yssydygyny ýaňzytdy, başga zat aýtmady. Molbertiniň aňyrsynda eli çotgaly güýmenýän Edik oňa kän ünsem bermän:
– Koneçno, tam že solnyşka prýamo w liso padaýet-diýip

hümürdedi.-Sungat biraz gurban talap edýär, janym! Azajyk, azajyk sabyr ediň!
Heser hiç zat geplemän, şol öňki durkunda oturmagyny dowam etdirdi, Edik bolsa gapdalynda suw, kofe goýup surat çekýär. Ahyry ol ýadady öýdýän.
– Dynç alaly biraz, garbanaly-diýdi,-garşy bolmasaňyz. Heser hem şony oýlanypdy-da ýylgyrdy “Geniýlerem ýadaýar ajygýar eken-ow”.

* * *

Heser şol bir endikli, dogry 6:30 da oýanaýmaly. Şonuň üçin uzakly gün süňňiýeňil. Ýatan otagyny ýagtyltmak üçin tutulary syrdy, daşry gaty üýtgeşik. Penjireleri açyp, daşaryny synlady, giňişlik ter howadan ýelejiredi.
Wanna geçip el-ýüzüni ýuwdy, diş çotgasyna pasta sykyp durka birden içi towlady. Unitazda bimaza bolup otyrka “Käşir soguň edýän oýny bi – diýip, garnyny tutup çygyndy.- Köp içip goýberdim gerek?”
Joralaryndan gelen smslere güýmenip, ertirlik edinip otyrka Ýaran jaň etdi:
-Salam Heser! Günaýdyň!
-Salam! Sag boluň, seniňem ertiriňiz haýyrly bolsun!
Ýaranyň bir ýere ýöräp barşyna gepleýändigi duýulýar:
-Heser, bu günem Edigiň studiýasyna barmalysyňyz, ýadyňyzdamy?
Heser:
-Bu gün öýlän baraýmasam, irden okuwym bardy- diýip, oňa ýagdaýy aýtdy. Ýaran howlukmaç:
– Sen okuwa gidip ýörme jigim – diýdi. – Okuwyňdn rugsat alyndy, arkaýyn bol. Edigiň çekip oturan suratyny zakazşige tiz ýetirmeli bolup dur. Şonuň üçin şu gün bitireli kartinany.
Gyz telefony goýandan soňam iňkise gidip otyrdy: Beh- diýdi. – okuwa dagy jaň edip, bassyr iki gün rugsat alyp bilýän bolsalar, hakykatdanam serýozny adam eken ol Edik.
Heser ýene giren ýeriň garaňky, ýöne içi ýagty ýerzemine – Edigiň “meçjidine” bardy. Eli çotgaly Edik, hoşgylaw ýylgyryp:
-Salam! Geliň hany, siz bu gün nähili gözel- diýip, ýene

turuwbaşdan eljiräp ugrady.- Prýama naturadan çekibermeli, original eser siz! Hakykatdanam heser siz!
Heser garderobdan gereki eşikleri alyp, geýinip durka hem Edik gapyny kakman girip gyzyň ýüregini ýardy:
-Wiýý, bagyşlaň!- Ol ýarym açyk gapydan kellesini sokup durşuna utanansyrap. – Men neme diýjekdim, bagyşlaň beýleki şkafda balerinanyň ýene bir trikosy, siziň düýnki geýeniňiziň dyzy süzülen eken.
Bilinden ýokarysy ýalaňaç Heser aljyrap, eginlerini ýapyp durşuna:
-Bolýa, bolýa gapyny ýapsaňyzlaň, özüm tapyp alaryn – diýip, biraz gaharly gepledi.
Heser balerinanyň keşbinde öňki oturýan ýerine geçip oturanda hem entek ýaňky bolan wakanyň täsirinen çykyp bilenokdy, ýüzi biraz salyk. Edik bolsa hiç zat bolmadyk ýaly öz işine gümra. Arasynda Heserden bir zatlar soraýar, gyzyň jogaplary göwünli-göwünsiz.
– Heser, işimiz önjeýli gidip dur, şu gün ynha dynarys. Sen arkaýyn otur, surat aýdyşymyzdanam gowy gidip barýar.
Heser nakgaşa gözüniň gyýtagyny aýlap “Hm-m” diýip goýdy. Edik arasynda ownuk-uşak işlerine güýmenen wagty Heser töweregine seredýär, diwardaky surat eserlerini synlaýar, bular dogrudanam owadan çekilen, zähmet siňdirilipdir, bu adam hakykatdanam ussat.
Ahyr Edik göçgün bilen elini eline urup:
– Pa-pa-pa-paaa, – diýip, şatlygyny daşyna çykardy. – Ine, bular soňky ştrihler.
Heser hem işiň tiziräk dynandygyna begendi, ýöne syr bildirmedi, dymdy sadaja. Soňra ol birden özüni ýadaw duýdy, studiýanyň ýagtylygy hem ýüregine düşdi, tiziräk gaýtmak bilen boldy. Edik:
– Haýyş edýän, gitmäň, birje minut- diýip, onuň öňüne geçdi.- Düýnem duz datman gitdiňiz, duzdan uly bolmaň saçak başyna geçiň!
– Ýok, sag boluň, iýip-içen ýaly göräýiň- diýip, ýüzüni keseräk sowan Heser hakykatdanam ýadandygyny duýdy. Ýadawlygynyň çeşmesi hem şu adamyň kompaniýasyndadygy. Edik

ýene tutanýerlilik görkezdi:
– Ýok, men haýyş edýän, azajyk sabyr ediň. Onsoňam häzir Ýaran hem bärik gelýän eken. Ol bir gelsin, gyssanmaň. Hem ýene men siziň bilen hasaplaşmaly.
Heser ýaýbaň arkaly diwanyň gyrajygyna geçip oturdy, Edik hem onuň garşysyndaky kürsä özüni goýberip arkaýynlaşdy:
– Hany onda bir azajyk garbanaly.
Ortada duran nahara kän bir ünsem bermeýän Heser Ýaranyň gelerine garaşýardy. Onuň gabat garşysynda oturan Edik ýakasyna ak hasa ildirip, pyçak çemçesi bilen nahara başlady. Çem-çüm bolsa-da gäwşäp oturan Edik agzyna salan lukmasyny çeýnäp:
– Hiç bolmanda suw bir içiň – diýip, ýalbaryjy äheňde gyza ýüzlendi.- Tutulyp getirilen ýaly bolup oturmaýyňda haýyş!
Heser “ Dogrudanam men näme myň bilen uruşly ýaly bolup otyryn” diýip, biraz giňlige saldy. Onuň ýüzüniň ýagtylanyny görüp, Edik hem hüjüme geçdi:
– Haýsyndan guýmaly, görkezäýin.
Ol ýalynjaňlyk bilen Heseriň görkezen soklaryndan açyp uzyn bulgura guýdy. Bulgura guýulýan goýy suwuklygyň narynç reňki bardy. Heser käşirden edilen sok bir dälmikä diýip iňkise gitdi. Özüne uzadylan bulgury alyp, çalaja dodagyna ýetiren gyz ony tagamyndan tanap bilmedi, käşirem däl, kädi hem däl birhili täsin tagam. Ol ýene birki owurtlady, soň işdäsi açyldymy bulgury ýuwaşjadan başyna çekdi. Heser bütin bedenine ýaýran süýjülikden humar bolup gözlerini süzdi:
– Gowudygyny… – ol başga diýmäge söz tapman gözlerini süzdi, aşaky dodagyny çalaja dişläp azajyk oturdy. Edik uly kanagatlylyk bilen el-agzyny salfetka süpürip oturşyna oňa seredip “eýýäm taýýar bolaýdyňmy” diýip gözlerini güldürdi.
Çakdan aşa lezzete gözleri süzülýän Heser ahyr özüne bir zat bolýanyny zordan aňlajak bolýardy, ýöne edil şu wagt beýnisi çal-çul, özüne buýrmak kyn. Edik bolsa eýýäm onuň gapdalyna gonup, bilinden elini geçirip, özüne golaýlaşdyrýar. Häzir özünden ýigrimi ýaş uly, ýakymsyz erkegiň özüni elläp, sypap-sermäp oturandygy gyzyň tenine hoş ýakýar, şol bir wagtda beýle zadyň asla bolup bilmejegine beýnisiniň bir ýerinde

düşünip dur. Emma häzir özüne kontrol edip bilenok, dogrusy kontrol edesi gelenok, ýok bir zat onuň garşysyna içinden bir zatlara edýär.
Edik ony emaý bilen gujagyna oturdyp, eşiklerini çykarmaga kömek etdi, arasynda haýasyz ýylgyryp lak atýar:
– Eşikleriňi çykaryp otursaň has gowy gerek?
Heser nämüçindigini bilmese-de, oňa howwa diýen manyda baş atyp ýylgyrýar. Beýnisiniň bir ýerlerinde bu edýän zatlarynyň dogry däldigini düşünip, oňa garşylyk görkezesi gelýär, emma bolanok. Häzir däl diýýär. Edik bolsa onuň býustgalteriniň ýagyrnysyna ýapyşyp duran ilgençeklerini sypdyryp oturşyna:
– Hany indi galan eşijekleriňem çykaryp ber, göreli- diýip çylkasyz güldi.- Ähli prelestleriňi göreli.
Heser dişlerini akjardyp ýylgyryp Edikden gözlerini aýyrman bilinden aşagyny ýalaňaçlap başlady. Emma Edigiň “prelestleriň göreli” diýen sözi garaňka gark bolan aňyyň bir ýerinde şem ýakdy. Ol “Ýüzükleriň hökümdary” filmindäki jyny ýadyna saldy. Jyn gudratly ýüzüge prelest diýýämidi. Heser azajygam bolsa özüne geljek bolýardy, özüne geljek bolýanynyň birinji alamaty pikirlerinde ol başagaý: “Men dogry edemok, näme edýän-ä men, ýaňy hem gowudym men. Bir zat boldy maňa. Men sok içdim. Sok. Sok zäherlimi? Ýok, sok zäherli däl, ýöne sok erbet. Meni o başga bir zada öwürdi”.
Iki isleg, iki duýgy Heseri ikä bölüp taşlan ýaly. Seret sen nähili owadan, çyplak wagtyň, sen bi erkege nähili ýaraýaň, onuň aýdanyny iki gaýtalatma, ol näme etse saňa gowy zat edýär. Garaňkyda galan aňynyň bir ýerlerinde gorkan gyzjagaz ýaly bir duýgy bolsa “Gaç, durma gaç bi ýerden, aýagaldygyňa gaç, ýetiş” diýýärdi, aňynyň başga bir gizlin penjiresinden bolsa özüniň ýarym ýalaňaç halda köçe bilen gaçyp barýan görnüşini görýärdi, ýöne butnap bilenok. Onuň hiç zat başarmaýandygyna düşünip, aňyndaky melek gyzjagaz aglaýardy.
Edik şol aralykda eşiklerini çykaran eken. Ol gapyrgalary görnüp duran arryk, eňegindäki çoga sakgaly bilenem edil geçä meňzäp dur. Heseriň dumanly aňynda bir sekunt ýaly Edigiň süýri kellesi şeýtanparazlaryň pentagrammasyndaky geçiniň fizionomiýasyna meňzäp gitdi. Ýöne ol hem ýakymly ýaly. Heser

oturan ýerinde ony aşakdan ýokary synlady. “Sok etjegini etdi, gyzyň ehli estrogen mäzleri guduz açýar öýdýän, mundan aňry kösemäýin – diýip Edik ýakymsyz ýylgyrdy. «Ýogsa häzir syrtyma çenli ýalap başlar”.
– Gel hany akylym.
Edik ony gujagyna çekip, gyzyň uýat ýerini ýapyp duran soňky örtügi hem lezzet bilen sypyrdy. Gyz näme etseň razy diýip erkini ýitirdi. Edik çakdanaşa keýpden gözlerini süzüp, başyny yrady “Sen ýaly nije-nijeler sok içip elimize düşüpdi, senem şolaryň birisiň beýbi – Ol ýylan hyşyrdysy bilen gujagynda oturan Heseriň gulagyna pyşyrdaýardy. – «Men seni gowy gördüm. Gyňyrja, özdiýenli, tekepbir, men seň ýalylary derrew mugyra getirýän”. Gyz onuň aýdýanlaryndan gaýta beter hyjuwlanýar, erkegiň arrykdan gelen şilliň aýaklarynyň ortasyna guýrugyny oýkap oturşyna aňynyň bir çetinden Gün dogup gelýänini syzyp başlady. Entek özüne kontrol edip başaranok, ýöne aňyndaky gyzjagaza gulak asmaga synanyşýar. Edik entegem özüniň taýýarlanyp bilmeýänine biraz aljyrap “Wstawaý staraýa klýaça- diýip, salparyp ýatan ujydyna käýinjiredi.- ýok, bolmasa 6+9 ýaparyn”.
Ol täsin bir ukuly haldaky Heseri gurjak oýnan ýaly diwanyň üstünde dört aýak edip goýup, özi hem gyzyň astyna girdi. Iki aýagynyň ortasyna kellesini sokup, uýat ýerine agyz uran erkegiň näme edýändigine oňly düşünmese-de, kellesi aýlanyp başlan Heseri birden der basdy. Ol iki jahan awarasy bolup, ukuly ýaly gözlerini ýumup dur. Birden erbet içi towlady. Gyzyň artbujagyndan püwürip gaýdan sary surruk zemzen ýaly bolup aşagyny sokjaýan myrryhyň edil iki gözüniň üstünden paglap gitdi. Gözleri, ýüzi sap-sary suýk nejasada boýalan Edik:
– Fak ýuu fak ýuu- diýip, sögünjiräp ýerinden galjak bolýardy. Ýüzündäki nejasaty süpürjek bolup elleri bulaşan Edik, iki ýana çabalanyp gyza jabjynýardy. Soňam entek känbir özüne gelmedik Heseri ýüzkessir ýelmäp goýberdi. “Gyzyň gözlerinden ot çykdy. Tiziräk bu ýerden garaňy saýlamaly, tiziräk”. Ol sandyraýan elleri bilen eşiklerini sermenip tapyp, daşary ylgady.

* * *

Heser kwartirasynda daşarynyň gohuna diň salyp oturşyna “Herhal bu zatlardan Ýaranyň habary ýokdur – diýip, çak-çen etdi. – Belki bilýän bolagam ahmal, eger bilýän bolsa gözümiň gögi hakda osmakladyp soraýarmyka”. Indi ol dünýäde bolmajak zat ýok diýip ynanýar, ony şol ynamdan dänderjek ýok.
Bäş gün ozal bolup geçen şol waka ony täzeden doglan ýaly etdi, indi täzeden doguldym diýse-de bolar. Bolup geçen waka, bolaýmaly ýagdaý, tötänden bolmady. Betbagtçylygyň eýýamden ýazylgy ssenarisi bu gezek ýerine ýetmedi. Hudaý bar eken. – Gyz ýeňil ýumor bilen ýylgyrýar. – Hemem içimi geçiren käşir sok boldy.
Ýaran jaň edýär, Heser telefonynyň ýüzüne seredip otyr, almalymy, almaly däl?! Näçe alasy gelýär ýöne bolanok.

Sylapberdi MUHAMOW.

Daşoguz, Garagaç oba.

01.09.2022 ý. Hekaýalar